# BITARAPLYK-BAGTYMYZ




BITARAPLYK - BAGTYMYZ

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ INŽENER-TEHNIKI
WE ULAG KOMMUNIKASIÝALARY INSTITUTY

ULAG-LOGISTIKA YLMY MERKEZI

# BITARAPLYK – BAGTYMYZ

*Ylmy-usuly makalalar ýygyndysy*

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2024

hyzmatdaşlygy berkitmek we giňeltmek babatda hormatly Gahryman Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda yzygiderli durmuşa geçirilýän Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygynyň subutnamasydyr.

Biz bilim işgärleri, Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Watanymyzyň at-abraýyny dünýä ýaýmak we ösdürmek ugrundaky alnyp barylýan syýasaty bütin durkumyz bilen goldaýarys.

Geljekde hem ösüşlere ukyply ýaşlary terbiýeläp, agzybirlikde we jebislikde ata Watanymyzy şan-şöhrata beslemegiň hatyrasyna döredijilikli işläp beýik maksatlara ýeteris. Berkarar döwletiň bagtyýar raýatlary bolup özleri hakynda edilýän aladalar üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

Halkymyzyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, il-ýurt bähbitli durmuşa geçirýän belent işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

### EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 11-nji tom. – A.: TDNG, 2018ý.

2. *Nuryýew Ý.* Bitaraplyk – durnukly ösüşiň binýatlyk ýoly. “Türkmenistan” gazeti. №318, 07.12.2022ý.

**Aýgözel ÖWEZOWA**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň aspiranty*

## GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANDA LUKMANÇYLYK DIPLOMATIÝASYNYŇ ÄHMIÝETI

Döwlet berkararlygymyzyň berk binýady bolan Garaşsyzlygymyzdan soň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan hemişelik Bitaraplygymyzyň ykrar edilmegi ata-babalarymyzyň hoşniýetli ýörelgeleriniň bütin dünýä aýan edilmeginiň dabaralanmagy boldy. Bu taryhy waka içeri we daşary syýasatlarymyzyň ynsanperwerlige daýanyp, abraýly halkara guramalar bilen maksadalaýyk hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny äleme äşgär etdi. Döwletimiziň diplomatiýa sungatyny ösüşlere nazarlamagyna giň ýol açan türkmen Bitaraplygy häzirki zamanyň ählumumy howpsuzlygyny üpjün etmek, ýurtlaryň deňhukukly we özara peýdaly hyzmatdaşlygyny ilerletmek, durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmek ugrundaky tagallalary birleşdiriji gurala öwrüldi.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy (BMG) tarapyndan resmi taýdan ykrar edilen ilkinji we ýeke-täk hemişelik Bitarap döwletdir. Ilkinji gezek Türkmenistan 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda, Nýu-Ýorkda dünýäniň iň abraýly halkara guramasy bolan BMG-niň Baş Assambleýasyna şol wagt agza bolup durýan 185 döwlet, gelip çykyşy boýunça "ykrar edilen", görnüşi boýunça "baky", manysy boýunça "oňyn" häsiýete eýe bolan "Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy" atly 50/80 belgili Rezolýusiýany biragyzdan goldady. Bu taryhy halkara-hukuk resminamasyna 25 sany döwlet awtordaş boldy. Şunlukda, 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde "Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy" atly Rezolýusiýanyň 193 döwletiň goldamagynda ikinji gezek kabul edilmegi türkmen Bitaraplygynyň, parahatçylyk söýüjilikli diplomatiýanyň dünýä jemgyýetçiligindäki ýokary ykrarynyň nobatdaky güwäsidir [1, 16 s.].

BMG-niň Baş sekretary bolan Kofi Annanyň belleýşi ýaly, Türkmenistan 1992-nji ýylyň mart aýynda BMG-ä agza bolan gününden bäri bu gurama ykjam goldaw berýär [2, 14 s.]. Diýmek, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistany ynsanperwerlikli, ösüş hem parahatçylyk maksatlaryny goldaýan dünýä syýasatynyň dabaralanýan ýurdy hökmünde dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekdi. Türkmen Bitaraplygynyň ozal bar bolan nusgalardan hil taýdan tapawutlanýan nusgasynyň döredilmegi bilen dünýä diplomatiýasynda täze başlangyçlara badalga berildi [2, 104 s.].

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Milli saglygy goraýyş ulgamyny toplumlaýyn ösdürmek hem-de kämilleşdirmek boýunça halkara hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berilýär we bu ugurda netijeli işler durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň lukmançylyk tejribeleri halkara derejede ykrar edilýär. Bu bolsa gatnaşyklaryň täze ugry – lukmançylyk diplomatiýasynda halkara hyzmatdaşlygy ilerletmek zerurlygyny ýüze çykarýar. Häzirki döwürde bolup geçýän tebigy hadysalar, ýüze çykýan ekologiýa meseleler we howa şertleriniň üýtgemegi hem-de adam saglygyna howp salýan pandemiýa dünýä bileleşigi tarapyndan gaýragoýulmasyz çözgütleriň kabul edilmeginiň zerurlygyny şertlendirýär. Şeýle şertlerde ilkinji nobatda lukmançylyk diplomatiýasy adam saglygynyň howpsuzlygyny üpjün etmegiň ygtybarly gural bolup çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurtda halkyň saglygy we abadançylygy ähli zatdan ileri tutulyp, her bir raýatyň saglygynyň goraglylygyny güýçlendirmek, ömür dowamlylygyny uzaltmak, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini pugtalandyrmak babatda giň gerimli işler ýaýbaňlandyrylýar. Ýurdumyzyň saglyk ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlyk, şol sanda lukmançylyk diplomatiýasy döwletimiziň täzeçil saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmegiň esasy ugurlarynyň biridir.

Keselleriň öňüni almak, raýatlaryň saglygynyň ygtybarly goralmagyny üpjün etmek ýurdumyzda üstünlikli amala aşyrylýan “Saglyk” Döwlet maksatnamasynyň özenini düzýär [3, 14 s.]. Saglygy goraýyş ulgamynda ýurdyň esasy resminamasy bolup durýan “Saglyk” Döwlet maksatnamasynyň çäklerinde saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek, pudagyň düzümlerini döwrebaplaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Şunlukda, ilatyň ömrüniň ortaça dowamlylygy we durmuş derejesi yzygiderli ýokarlanýar. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde Merkezi Aziýa sebitinde deňi-taýy bolmadyk we ylmyň täze gazananlary esasynda enjamlaşdyrylan saglyk öýleri we derman senagatyna degişli desgalar gurulýar. Olarda ýerli çig mallaryň esasynda uly islegden peýdalanýan dermanlyk serişdeleriň önümçiligi hem ýola goýuldy. Şeýlelik-de, Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, hassahanalaryň, sagaldyş-dikeldiş merkezleriniň, şypahanalaryň täze desgalarynyň döwrüň talabyna laýyk gelýän maddy-enjamlar bilen gurlup halkyň hyzmatyna ýetirilmegi, türkmen sagaldyş syýahatçylygyny öňdäki orunlara çykarmaga mümkinçilik berýär.

Raýatlarymyzyň saglygyny berkitmek, keselleriň öňüni almak, ynsan ömrüniň dowamlylygyny uzaltmak, elýeterli, ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlaryny üpjün etmek ugurunda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde dünýä bileleşigi, aýratyn-da, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan ykrar edilen nusgalyk işler amala aşyryldy. Netijede, ilatyň saglyk ýagdaýy gowulandy, adam ömrüniň ortaça dowamlylygy artdy. 2021 – 2025-nji ýyllar üçin “Sagdyn ene – sagdyn çaga – sagdyn geljek” atly milli strategiýa, Türkmenistanda ilatyň kesellere garşy göreşmek ukybyny ýokarlandyrmak boýunça Milli maksatnama, ýokanç däl keselleriň öňüni almak we garşysyna göreşmek boýunça Milli strategiýa, Türkmenistany temmäkiden azat ýurda öwürmek boýunça 2022 – 2025-nji ýyllar üçin Milli maksatnama kabul edilip, saglygy goraýyş ulgamynyň işi has-da kämilleşdirildi [4].

Türkmenistan yzygiderli esasda dünýäniň ýurtlary bilen tejribe alyşýar, saglygy goraýyş bilen bagly halkara çärelere gatnaşýar. Bu gün adamlaryň saglygyny goramak işi öz içine birnäçe kesgitleýji şertleri jemleýän giň gerimli ulgamdan ybaratdyr. Bu şertler döwrebap, dünýäniň esasy önüm öndürijileriniň ýokary tehnologiýaly enjamlary ornaşdyrylan saglyk merkezlerinden we şypahanalardan, köpçülikleýin sport hereketini, işjeň dynç alyş düzümlerini ösdürmekden, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmekden ybaratdyr.

Ýokary hünär derejeli lukmanlaryň taýýarlanylmagy, şeýle-de dünýäniň belli önüm öndürijileriniň döwrebap enjamlarynyň ornaşdyrylmagy bilen, türkmenistanlylara ýokary halkara ölçeglere laýyk gelýän lukmançylyk hyzmatlary edilýär. Hususanda, ýurdumyzda Germaniýada, Fransiýada, Italiýada, Ýaponiýada, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, Niderlandlar Patyşalygynda, Çehiýada, Daniýada,

Finlýandiýada, Şweýsariýada, Günorta Koreýada, Beýik Britaniýada we Hytaý Halk Respublikasynda öndürilen iň kämil, öňdebaryjy innowasion lukmançylyk enjamlary, saglygy goraýyş maksatly serişdeler ornaşdyryldy.

Ýurdumyzda ulgam dörediji ýagdaýlary – pudagyň döwrebap düzümlerini kemala getirmek, saglygy goraýyş işgärlerini taýýarlamak hem-de täzeden taýýarlamak ulgamyny kämilleşdirmek, innowasion işläp düzmeleri hem-de ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça çäreler giň gerimde guralýar. Şunyň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz sanly lukmançylygy ornaşdyrmak hem-de ösdürmek boýunça ýurdumyzda ähli mümkinçilikleri döredip netijeli işleri alyp barýar. Innowasion tehnologiýalaryň çalt depginde ösýän döwrüň talabyna laýyklykda ynsan saglygyny goramakda we berkitmekde sanly lukmançylygyň ähmiýeti günsaýyn artýar [3, 30 s.].

Görlüp-eşidilmedik COVID-19 pandemiýasy dünýä ilatynyň saglygyna, döwletleriň ykdysadyýetlerine ägirt uly zyýan ýetirdi. Muňa garamazdan, dünýäniň alym-lukmanlary tagallalaryny birleşdirip, tejribelerini paýlaşyp, bu ýowuz pandemiýanyň öňünde berk durmagy başardylar. Şeýlelikde, ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn diplomatiýanyň ileri tutulýan ugurlarynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek üçin bar bolan mümkinçilikleri doly durmuşa geçirmäge ýardam berer.

Şeýlelikde, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň lukmançylyk diplomatiýasyny ösdürmek babatda alyp barýan milli we halkara derejesindäki toplumlaýyn çäreleri ýurdumyzyň we dünýä jemgyýetçiliginiň saglygy goraýyş we derman senagaty pudagyny ösdürmekde uly ähmiýete eýedir.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany. – A.:TDNG, 2020.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan. –A.:TDNG, 2020.

3. Türkmenistanyň “Saglyk” döwlet maksatnamasy. 2021. “Türkmenistan” gazeti. №19-20 (30625), 22.01.2023 ý.



**Jennet TOŞŞYÝEWA**

*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy*


# TÜRKMENISTAN HALKARA HYZMATDAŞLYGYNDA PARAHATÇYLYK GATNAŞYKLAR

Gahryman Arkadagymyz özüniň ajaýyp kitaplarynyň biri bolan “Bitarap Türkmenistan” atly kitabynda “Bitaraplyk bize ynamly ädimler bilen öňe gitmäge ýardam edýän, halkymyzyň ynsanperwerlik, parahatçylyk ýörelgelerini dabaralan-